Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda güneşli Diýarymyz tutuş dünýäde parahatçylygyň we asudalygyň, agzybirligiň hem-de jebisligiň hüküm sürýän, demokratik özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylýan ýurdy hökmünde giňden tanalýar.

Parahatçylyk we ynanyşmak dürli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň mazmunynda wajyp orun eýeleýän adalgalar bolup durýar. Türkmen halky gadym döwürlerden bäri bu sözlere çuň many-mazmuny özünde jemleýän sözler, derwaýys adalgalar hökmünde garapdyr.

Häzirki döwürde Türkmenistan ýurdumyz sebitde parahatçylygy üpjün etmekde, özara ylalaşygy ýola goýmakda netijeli işler alyp barýan merkez hökmünde  tanalýar. Ak şäherimiz Aşgabat halkara maslahatlaryň, forumlaryň, sammitleriň yzygiderli geçirilýän mekanyna öwrüldi.  Muňa “Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar” atly halkara maslahaty aýdyň mysal bolup biler.

Ýurdumyzyň maýa goýum strategiýasynda milli ykdysadyýetiň hususy pudagynyň işiniň ilerledilmegine uly ähmiýet berilýär. Şoňa görä, häzirki döwürde telekeçilik başlangyçlaryny goldamak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek babatda zerur şertleri döretmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Geçirilen forumda türkmen telekeçileriniň milli ykdysadyýetimiziň pugtalandyrylmagyna goşýan goşandy, hususy önüm öndürijileri goldamak babatda durmuşa geçirilýän döwlet syýasaty, bu ugurda hormatly Prezidentimiziň döredýän ajaýyp mümkinçilikleri giňişleýin wideoşekiller arkaly açylyp görkezildi.

Amatly işewürlik gurşawyny döretmek, bazar gatnaşyklaryna geçmegi çaltlandyrmak, dürli pudaklarda telekeçilik işiniň gerimini giňeltmek, döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň dürli görnüşlerini ösdürmek, döwlet emlägini hususylaşdyrmak göz öňünde tutulan esasy wezipeleriň hataryndadyr.

Türkmenistanda netijeli maýa goýum syýasatyny alyp barmak üçin zerur şertler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda kuwwatly çig mal binýadynyň bolmagynyň, maýa goýumlar babatda ygtybarly hukuk binýadynyň döredilmeginiň türkmen bazarynyň özüne çekijiligini üpjün edýändigi, dünýä ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge giň mümkinçilikleri açýandygyny aýratyn bellemek gerek.

**Aýjeren MÄMMETMYRADOWA**
**Turkmen Dowlet Maliye institutynyn talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026